Ösüşli menzilleriň kalplarymyza buýsanç bolup dolýan ajaýyp zamanynda döwür bilen aýakdaş gadam basmagy öz mukaddes borjumyz hasaplaýarys. Çünki hormatly Prezidentimiz bize – ýaşlara uly ynam bildirýär. Biziň her birimiz özümiziň okap bilim alýan ugurlarymyz boýunça halal işläp, işimize döredijilikli çemeleşmek bilen üstünlik gazanyp bolýandygyna aýdyň göz ýetirýäris.




Bu gün ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim bermek bilen birlikde, olara pederlerimiziň pähim-paýhasly dürdäne ündewleri-de öwredilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda halkymyzyň gadymdan bäri dowam edip gelýän ýol-ýörelgeleriniň esasynda agzybirlik hem parahatçylyk, dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, birek-birege hemaýatdyr goldaw bermek ýaly gowy häsiýetler dur. Bular babatda edebiýatymyzda ençeme eserler, pähim-parasatly dürdäne aýtgylar döredilipdir. Nesillere milli ýol-ýörelgelerimiz dogrusynda düşünje berlende edebi çeşmelere salgylanylýar. Çünki nakyllarda-da, atalar sözlerinde-de, halk döredijiliginiň eserlerinde-de, kyssa we şygyrlarda-da watansöýüjilik, ynsanperwerlik, parahatçylygy söýüjilik ýaly aýratynlyklar milli ruhda beýan edilendir. Munuň özi, şeýle edebi mirasymyzyň terbiýeçilik babatda ähmiýetiniň

Все права защищены

uludygyny görkezýär.

**Hemra ÇARYMYRADOW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены